**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2021-nji ýylyň 4-nji fewralyndaky № 7 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1–suw üpjünçilik we suw akdyryş "Suw üpjünçilik we suw akdyryş ulgamlarynyň işleýşi barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## Umumy düzgünler

Suw üpjünçilik we suw akdyryş ulgamlarynyň işleýşi barada hasabat häkimlikleriň, ähli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daýhan birleşikleriniň balansynda duran ilata, jemagat-durmuş we önümçilik zerurlyklary üçin suw goýberýän ýaşaýyş jaýlaryndan, jemagat-durmuş, senagat, gurluşyk we beýleki kärhanalardan (edaralardan) merkezleşdirilen usulda akdyrylýan hapa suwlaryň akdyrylmagyny ýerine ýetirýän kärhanalary (edaralary) tarapyndan düzülýär. №1-suw üpjünçilik we suw akdyryş görnüş boýunça hasabat ýanwaryň 20-ne çenli tabşyrylýar:

- ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna;
- özünden ýokarda duran edarasyna.

Kärhanalar (guramalar) öz abonentlerine ýa-da beýleki suw geçiriji ulgamlaryna diňe önümçilik zerurluklary üçin suw goýberýän we ilata, ýa-da býujetden maliýeleşdirilýän edaralara suw goýbermeýänler, №1-suw üpjünçilik we suw akdyryş forma boýunça hasabat düzmeýärler.

Eger ilatly ýerde iki ýa-da ondan köp suw geçirijiler bir kärhana (edara) birleşdirilen bolsa, şeýle hem eger-de ilatly ýerleriň içinde iki ýa-da ondanam gowrak hojalyk-nejasat ýa-da akdyrylýan lagymlar bir hojalyga birleşen bolsa onda olaryň dolandyryşyny şol ilatly ýeri boýunça birleşdirilen kärhana (edara) tarapyndan jemlenen bir hasabat düzýär.

Eger suw geçiriji we lagym hojalygy öz hasabynda duran kärhana (edara) birnäçe ilatly ýere hyzmat edýän bolsa, onda ol her bir ilatly ýer boýunça aýratyn hasabat düzýär we olary öz ýerleşýän ýeri boýunça hasabat edarasyna tabşyrýar.

Eger kärhana (edara) şäher we oba ýerlerine hyzmat edýän bolsa, onda maglumatlar aýratynlykda berilýär: 2-nji sütünde şäher we şäherçeler boýunça, 3-nji sütünde oba ýerleri boýunça maglumatlar görkezilýär. Hasabata kärhananyň (edaranyň) hyzmat edýän şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň sanawlary goşulýar.

Suw geçirijileri ýa-da (aýratyn suw geçiriji ulgamlary), lagym ulgamylary (aýratyn lagym geçiriji) bir pudak edaralaryndan beýleki pudak edaralaryna geçirilse, onda olaryň geçirilmezden öň we täze ulgamynda hakyky işlenen wagty boýunça aýratyn hasabat düzülýär. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, hasabata düşündiriş haty goşulýar, şonda haýsy pudak edarasyndan kabul edilip alnandygyny ýa-da haýsyna berlendigini görkezmek zerurdyr.

Aýratyn suw geçiriji we lagym ulgamy bolan kärhanalar (edaralar) №1-suw üpjünçilik we suw kadyryjy statistiki görnüşi boýunça hasabat berýärler, ýöne diňe özlerine degişli bolan görkezijileri dolduryarlar.

## 1 BÖLÜM. SUW ÜPJÜNLIGI

### 1.1. BAR BOLAN SUW GEÇIRIJI DESGALAR (ýylyň ahyryna)

**01-nji setirde** suw geçirijileriň sany, **1.1 -nji setirde** bolsa suw arassalaýjy desgalaryň sany hasabat beren kärhananyň (edaranyň) hasabynda durýan aýratyn suw geçiriji ulgamlaryň sany görkezilýär.

**02-nji setirde** hasabat beren kärhananyň (edaranyň) hasabynda durýan aýratyn suw geçiriji ulgamlaryň sany görkezilýär.

Suw geçirijiler diýip ilaty, jemagat, söwda, medeni-durmuş we beýleki kärhanalary we edaralary suw bilen üpjün etmek üçin niýetlenen suw ýygnama desgalaryň, arassalaýjy desgalaryň we turbalaryň paýlaýjy ulgamynyň jemi hasaplanylýar.

Aýratyn suw geçiriji ulgamy diýip, suw ýygnama we arassalaýjy desgalary bolmadyk suw geçiriji hojalygy hasaplanylýar; bu diňe köçe suw paýlaýjy ulgamdyr, oňa başga guramanyň, kärhananyň suw geçirijisinden suw kabul edilýär.

**03-nji setirde** bir hatar çekilen ilkinji suw geçirijileriniň uzynlygy görkezilýär.

Ilkinji suw geçirijisi diýip, suwuň ýygnama ýerinden (suw üpjünçilik çeşmesinden) ilkinji köçe suw paýlaýjy ulgamlara çenli geçirilen turba geçiriji hasaplanýar.

Bir hatar çekilen lülegeçirijiniň uzynlygy ýalňyz ilkinji suw geçirijiniň uzynlygy hasaplanýar. Eger ilkinji suw geçiriji iki ýa-da ondan köp turba geçirijilerden ybarat bolsa, onda onuň her bir lülegeçirijiniň uzynlygyny hasaplamaly. Ilkinji suw geçirijiniň umumy uzynlygyna beýleki ilatly ýerlere suw berilýän lülegeçirijileriň uzynlygy, eger olar suw geçiriji kärhananyň (edaranyň) hasabynda duran bolsa, hem goşulýar.

**04-nji setirde** bir hatar çekilen köçe suw geçiriji ulgamynyň uzynlygy görkezilýär.

Köçe suw geçiriji ulgam diýip, köçeleriň, geçelgeleriň, pereuloklaryň gyrasynda, kenar ýakalarynda we ş.m. ýerlerde çekilen turba geçirijileriň ulgamy hasaplanýar.

**05-nji setirde** bir hatar çekilen kwartalyň içindäki we howlyň içindäki suw geçiriji ulgamlarynyň uzynlygy görkezilýär.

Etrapçanyň içindäki suw geçiriji ulgamy diýip, etrapçanyň içindäki geçelgeleriniň ugrunda geçirilen lüle geçirijileriň ulgamy hasaplanýar.

Jaýlylyk meýdançalarynyň içindäki suw geçiriji ulgamy diýip, köçe suw geçiriji ulgama birikdirmek üçin jaýlylyk meýdançalaryň çäginde geçirilen turba geçirijileriň ulgamy hasaplanýar.

**06-njy setirde** köçe suw geçiriji ulgamda gurlan, ýylyň ahyryna hereket edýän hemme suw bölekleme desgalarynyň (kümeleriň, sütünçeleriň, çarhlaryň) sany görkezilýär.

**07-nji setirde** kärhanada (edarada) ähli bar bolan 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleriniň bellenilen önümçilik kuwwatlylygy görkezilýär.

1-nji galdyrymdaky sorujy beketleri diyip, gös-göni suw üpjünçilik çeşmesinden suw galdyrýan beketleri hasaplanýar.

Kärhanada (edarada) ähli bar bolan 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleriniň önümçilik kuwwatlylygy hasabat ýylynyň ahyryna ähli oturdylan sorujylaryň öndürijiligini, dürli sebäplere görä olaryň işleýänligine ýa-da işlemeýänligine garamazdan (bejerişde, iş tertibi boýunça), jemlemek arkaly kesgitlenilýär. Her bir sorujynyň öndürijiligi ony taýýarlan zawodyň tehniki pasportda görkezilen maglumatlary boýunça kesgitlenilýär. Ätiýaçlykdaky sorujylaryň, ýangyna garşy (ýörite enjam hökmünde) we kömekçi sorujylaryň (gowuz-sorujylar, ejektorlar) öndürijiligi bu görkezijä goşulmaýar.

**08-nji setirde** suw geçirijiniň arassalaýyş desgalarynyň bellenilen önümçilik kuwwatlylygy görkezilýär. Ol süzüş üstüniň meýdany we süzüş tizligi hakda maglumatlarynyň esasynda ähli bar bolan suw süzgüçleriniň (filtrleriň) we aragatnaşyk ýşyklandyryjylarynyň geçiriş ukybynyň jemini çykarmak arkaly kesgitlenilýär.

**09-njy setirde** suw geçirijiniň bellenilen umumy önümçilik kuwwatlylygy görkezilýär, ol bir suwuň berlişini çäklendirýän esasy suw geçiriji desgalaryň: suw guýylaryň

ýa-da açyk suw howdanlaryň 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleriň, arassalaýyş desgalarynyň, 2-nji galdyrymdaky sorujy beketleriň, esasy suw geçirijiniň öndürijiliginden ugur alyp, bir gije-gündizinde ulgama berlip bilinjek suwuň iň ýokary mukdary arkaly kesgitlenýär.

Mysal üçin, suw çeşmesi bir gije-gündizde 5 000 kub metr suwy berip biler, suw sorujy beketler 1 600 kub metr suwy ýokary galdyryp biler, bir gije-gündiziň dowamynda ilkinji suw geçirijiniň geçirijilik ukyby 2 000 kub metre barabar. Bu ýagdaýda suw geçiriji bir gije-gündizinde ulgama 1 600 kub metrden artyk suwy berip bilmez, muny suw geçirijiniň bir gije-gündizinde bellenilen önümçilik kuwwatlylygy diýip hasap etmeli.

1.1 bölumiň 01,01.1,02,06 setirleriniň maglumatlary bitin sanlarda, galanlary- oturdan soň bir onluk san belgi bilen görkezilýär

### 1.2. SUW GEÇIRIJINIŇ IŞLEÝŞI

**10-njy setirde** bir ýylda 1-nji galdyrymdaky suw sorujy beketler arkaly galdyrylan suwuň möçberi görkezilýär, ol sorujy beketleriň tehniki kitapçalaryndaky gündelik ýazgylar boýunça kesgitlenilýär (suw ölçeýjileriň görkezijileriniň esasynda, suw ölçeýjiler bolmasa - iş wagty boýunça we olaryň bir sagatda bellenen öndürijiligi, ýa-da başga has takkyk usul hasaplamalar boýunça). Mysal üçin, sorujy beketleriň çäklerinde ýerleşen ätiýaçlyk suw çelekleriniň möçberi boýunça) kesgitlenilýär.

Öz akymy bilen suw geçirijiler we aýratyn suw geçiriji ulgamlar boýunça bu görkeziji doldurylmaýar. Garyşyk (suw ýygnamak usuly boýunça) suw geçirijilerde diňe hojalykda bar bolan 1-nji galdyrym sorujylar arkaly galdyrylan suwuň möçberi görkezilýär.

10-njy setriden ýerasty çeşmelerden galdyrylan suwuň möçberi şol sanda aýratyn görkezilýär – **10.1-nji setir**.

**11-nji setirde** bir ýylda ulgama goýberilen suwuň möçberi görkezilýär, ol ilkinji suw geçirijiniň köçe suw paýlajy ulgamlar bilen birikdirilen ýerinde oturdylan suw ölçeýjileriň görkezijileri boýunça tehniki kitapçadaky gündelik ýazgylara laýyklykda kesgitlenilýär.

Ilkinji suw geçirijilerde suw ölçeýjiler ýok bolsa, ulgama berlen suwuň möçberi suw geçirijiniň görnüşine görä kesgitlenilýär:

arassalaýjy desgalar bilen enjamlaşdyrylan mehaniki suw geçirijilerde - hususy zerurlyklar üçin sarp edilen suwy aýyrmak bilen, arassalaýjy desgalardan geçirilen suwuň möçberi barada maglumatlar boýunça;

arassalaýjy desgalar bolmadyk mehaniki suw geçirijilerde - ulgama berlen suwuň möçberi adatça 1 galdyrym sorujy beketler arkaly galdyrylan suwuň möçberine deň;

özi akýan suw geçiijilerde - suw üpjünçilik çeşmesinden suwuň çykýan ýerinde oturdylan suw ölçeýjiler, ýa-da sarp edijileriň ulgamynda oturdylan gözegçilik suw ölçeýjiler boýunça, ýa-da suw geçirijiň turbalarynyň kesişýän ýeri we olarda suw akymynyň tizligi boýunça kesgitlenilýär.

“Ulgama berlen suw” görkezijide suwuň alnan çeşmesine garamazdan – ol 1-nji galdyrym sorujylar arkaly galdyrylypmy, özi akyp gelipmi, başga ýerden senagat ýa-da beýleki suw geçirijiden alnypmy, ulgama berlen ähli suwy göz öňünde tutmak zerurdyr.

11-nji setirden suwuň goýberiliş çeşmeleri boýunça aşakdakylar, şol sanda aýratyn görkezilýär:

- özündäki suw sorujylar arkaly - **12-nji setir**,
- öz akymy bilen - **13-nji setir**,
- başga tarapdan alnan - **14-nji setir** .

Käbir suw geçirijiler suwy dürli pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna degişli bolan senagat we başga suw geçirijilerden alýandygy (satyn alýandygy) sebäpli, başga tarapdan alnan suwuň möçberi suw bilen üpjün edýänleriň hasaplarynyň maglumatlary boýunça kesgitlenilýär, ol maglumatlar hasabat ýylynda ölçeýji enjamlaryň görkezmeleriniň esasynda göçürilip alnyýar.

12-nji, 13-nji we 14-nji setirleriň jemi 11-nji setiriň maglumatlaryna deň gelmelidir.

**15-nji setirde** bir ýylda arassalaýjy desgalardan geçirilen suwuň möçberi görkezilýär.

Suwuň çeşmesine baglylykda, dürli suw geçiriji hojalyklarda arassalaýjy desgalaryň dürli düzümi bolýar: arassalaýjy desgalaryň doly toplumy, ýa-da diňe durlaýjy howuzlar, ýa-da suw süzgüçler bolýar. Suw olaryň düzümine garamazdan, arassalaýjy desgalardan geçirilen diýip hasaplanylýar. Diňe hlorlanan suw arassalaýjy desgalardan geçirilen diýip hasaplanylmaýar.

Bir ýylda arassalaýjy desgalardan geçirilen suwuň möçberi bu desgalarda oturdylan suw ölçeýjiler boýunça kesgitlenilýär. Arassalaýjy desgalarda suw ölçeýjiler ýok bolsa, goýberilen suwuň möçberi 1-nji galdyrym sorujylar arkaly galdyrylan suwuň möçberi boýunça, hususy zerurlyklar üçin sarp edilen suwy aýyrmak bilen (eger bu suwuň hemmesi arassalaýjy desgalardan geçirilen bolsa) kesgitlenilýär.

Eger suw ölçeýjisi bolmadyk suw geçiriji hojalyk galdyrylan suwdan başga tarapdan alnan (satyn alnan) suwy hem arassalaýan bolsa, onda bir ýylda arassalaýjy desgalardan geçirilen suwuň möçberini kesgitlemek üçin 1-nji galdyrym sorujy beketleri arkaly galdyrylan suwuň möçberiniň we başga tarapdan alnan suwuň möçberiniň jemini çykarmaly we alnan jemden hasabat ýylynda hususy zerurlyklar üçin harçlanan suwy aýyrmaly.

"Agyz suwlar" boýunça 837-2016 belgili "Merkezleşdirilen agyz suw üpjünçiliginde suwuň hiline gigiýena talaplary. Hil gözegçiligi." TDS-ň Sanitar düzgünlere we kadalara laýyklykda 15-nji setirden **15.1 setire** çykarylan kadaly arassalanan agyz suwunyň möçberi aýratyn görkezilýär.

**16-njy setirde** bir ýylda ähli sarp edijilere goýberilen suwuň umumy möçberi görkezilýär, ol bolsa, öz gezeginde suwuň goýberilişi boýunça bölünýär:

1) öz sarp edijilerine (abonentlere)- **17-nji setir**,

2) gaýry sarp edijilerine (suw geçirijilere ýa-da aýratyn suw geçiriji ulgamlara) - **21-nji setir.**

17-nji we 21-nji setirleriň jemi 16-njy setriň maglumatlaryna deň gelmelidir.

Ähli sarp edijilere goýberilen suwuň möçberi ölçeýji gurallaryň (suw ölçeýjileriň) görkezmesi esasynda öz sarp edijilerine mälim edilen hasaplar boýunça, suw ölçeýjiler ýok bolan ýagdaýynda, sarp edijileriň dürli toparlary üçin bellenilen tertipde suw harçlamagynyň kadalary boýunça kesgitlenilýär.

17-nji setirdäki öz sarp edijilerine (abonentlere) ähli goýberilen suwuň möçberi jemlenilýär, şolardan aýratyn 17.1 –nji setirde edaranyň (kärhananyň) hususy zerurlyklaryna goýberilen suwa, 18-20-nji setirlerde bolsa aşakdaky ulanyjylaryň toparlaryna bölünip görkezilýär:

17-nji setirdäki öz sarp edijilerine (abonentlere) goýberilen suwuň möçberi bölünilýär:

- *ýaşaýyş jaýlarda ýaşaýan ilata* – **18-nji setir**;

Ýaşaýyş jaýlarda ýaşaýan ilatyň harçlanan ähli suwyň möçberi.

- *býüjetden maliýeşdirilýän edaralara* – **19-njy setir**;

Şulara aşakdakylar goşulýar: mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary (çagalar baglary we bakjalar); çagalar öýleri; çagalar sagaldyş edaralary; okuw jaýlary (mekdepler, internatlar, orta hünärmen mekdepleri, ýokary okuw mekdepleri we ş.m.); saglygy bejeriş-sagaldyş edaralary (hassahanalar, saglyk öýleri, şypahanalar, dynç alyş sagaldyş merkezler we ş.m.); sport desgalary (stadionlar we ş.m.), medeniýet edaralary (muzeýler, kitaphanalar we ş.m.); garrylar we maýyplar üçin öýler hem-de internatlar; jemagat hojalygy kärhanalary (gelen myhmanlar üçin byujetden maliýeşdirilýän edaralaryň hasabynda duran myhmanhanalar, umumy ýaşaýyş jaýlar we öýler); talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýlary; harby bölümleri, şeýle-de ähli jemagat-durmuş edaralar we kärhanalar (hammamlar, kir ýuwujyhanalar, ilat üçin däp-dessur hyzmatlaryny amala aşyrylýan edaralar we ş.m.).

-*beýleki edaralar (kärhanalar)* – **20-nji setir.**

17.1, 18-nji, 19-njy we 20-nji setirleriň jemi 17-nji setriň maglumatlaryna deň gelmelidir.

**22-nji setirde** bir ýylda suwuň ýitgileri we göz öňünde tutulmadyk harçlanmasy görkezilýär.

Suwuň ýitgileri suw sarp edijilere ugradylanda suw geçiriji ulgamdaky turbalaryň, olaryň birleşdirilýän ýerleriniň, kilt daňrawyň, gidrantlaryň düz däldigi, şeýle hem ulgamda näsazlyklaryň netijesinde emele gelýär.

Suwuň göz öňünde tutulmadyk harçlanmasy suwuň ýangyn söndürmek üçin, ýangyn söndürmek boýunça okuw maksatlaryna peýdalanylmagyny öz içine alýar.

Hasabat ýylynda suwuň ýitgileri we göz öňünde tutulmadyk harçlanmasynyň möçberi ulgama goýberilen suwuň möçberi (11 setir) bilen ähli sarp edijilere goýberilen suwuň möçberiniň (16 setir) arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

Ýylyň dowamynda suw geçiriji ulgamlarda emele gelen helýakçilikleriň (awariýalaryň) sany öz görnüşleri boýunça jaýlylyk meýdançalaryň içindäkilerine - **23-nji setire** we **etrapça içindäkilerine - 24-nji setire** bölünýär.

Heläkçilik (awariýa) - suw üpjünçilik ulgamda ýaşaýyş nokadynyň ýa-da onuň aýratyn etrabyň, köpöýli ýaşaýyş jaýyň 8 sagatdan köp wagtyň dowamynda suw üpjünçiliginiň doly ýa-da bölekleýin kesilşine diýilýär.

Bu görkeziji suw geçiriji ulgamynda uzynlyk bir kilometr ölçegde hasaplananda heläkçilikleriň (awariýalaryň) sanyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, ýylyň dowamynda 50 km uzynlykdaky suw geçiriji ulgamynda 250 sany helýakçilik (awariýa) emele geldi. Ýylda bir pogon kilometrine helýakçilikleriň (awariýalaryň) sanyny hasaplamak üçin suw geçiriji ulgamynda emele gelen helýakçiligiň (awariýanyň) sany (250 birlik) jemi suw geçiriji ulgamynyň uzynlygyna (50 km) bölünmelidir (250:50). Şeýlelikde, ýylyň dowamynda suw geçiriji ulgamynyň uzynlyk bir pogon kilometrinde 5 sany heläkçilik (awariýa) boldy.

**25-nji setirde** dürli sarp edijileriň toparlary üçin bellenilen tertipde hereket edýän nyrhnamalara laýyklykda sarp edijilere berilen hasaplaryň esasynda bir ýylda suw üpjünçilik hyzmatlary boýunça umumy girdejiler görkezilýär. Işleriň beýleki görnüşleri boýunça gelen goşmaça hyzmatlarynyň başga girdejileri bu görkezijide görkezilmeýär.

Umumy girdejiler (25-nji setir) aşakdaky girdejilerden ybaratdyr:

1) öz sarp edijilerden (abonentlerden) - **26-njy setir**

2) gaýry sarp edijilerden (suw geçirijilerden, aýratyn suw geçiriji ulgamlardan) - **30-njy setir.** Bellenilen tertipde bu sarp edijileriň topary boýunça tassyklanylan nyrhnamalara laýyklykda gelen girdejiler görkezilýär.

26-njy we 30-njy setirleriň jemi 25-nji setiriň maglumatlaryna deň gelmelidir.

26-njy setirdäki öz sarp edijilerden (abonentlerden) suw üpjünçilik hyzmatlary boýunça gelen girdejileri aşakdaky görnüşlere bölünilýär:

- *ýaşaýyş jaýlarda ýaşaýan ilatdan* – **27-nji setir**;

- *býüjetden maliýeşdirilýän edaralardan* – **28-nji setir**;

Bu görkezijide degişli sarp ediji toparyndan bellenilen tertipde tassyklanylan nyrhnamalar esasynda gelen girdejiler görkezilýär.

-*beýleki edaralardan (kärhanalardan)* – **29-njy setir**

Bu görkezijide degişli sarp ediji toparyndan bellenilen tertipde tassyklanylan nyrhnamalar esasynda gelen girdejiler görkezilýär.

27-nji, 28-nji we 29-njy setirleriň jemi 26-njy setiriň maglumatlaryna deň gelmelidir.

**31-nji setirde** suw üpjünçilik boýunça bir ýylda umumy önümçilik çykdajylary görkezilýär.

31-nji setirden çykarylan, suw geçiriji ulgamlarda bejeriş işleri üçin çykdajylar **31.1 setirde** görkezilýär.

Suw geçirijileriň (aýratyn suw geçiriji ulgamlarynyň) girdejileri we çykdajylary buhgalter hasabatynyň maglumatlary boýunça statistik hasabatynda görkezilýär.

**32-nji setirde** Hasabat döwründe sanawnama boýunça ortaça işgärleriň (utgaşdyryjylary hasaba almazdan) sany görkezilýär.

Esasy işde işleýänleriň sanyna aşakdakylar goşulýar:

- suwy galdyrmak, arassalamak we ibermek boýunça önümçilik işlerinde işleýänleriň hemmesi, ýagny esasy desgalaryň, sorujy beketleriň, arassalaýjy desgalaryň, ätiýaçlyk çelekleriň şeýle hem suw geçiriji ulgamlarda işleýän ähli iş birlikleri;
- umumy ulanyş we önümçilik bölümleriň (sehleriň) iş birlikleri, şol sanda şolaryň administratiw-dolandyryş işgärleri;
- aýratyn balansda ýa-da suw geçiriji kärhanalaryň (edaralaryň) balansynda durýandygyna garamazdan, kömekçi bölümçelerde işleýänler (bejeriş ussahanalary, ulag we ş.m.).

Öz düzümine jemagat suw geçirijilerini we lagym geçirijilerini birleşdirýän guramalar "Işiň esasy ugry boýunça ähli işgärleriniň sany" görkezijisinde gönüden-göni suw geçiriji hojalyga hyzmat edýän ähli önümçilik işgärleri, şeýle hem umumy ulanyş iş birlikleriniň we kömekçi işgärleriň bir bölegini görkezýärler, ol bu görkezijä önümçilik işgärleriň sanyna proporsionallykda goşulýar.

1.2 bölümiň 23, 24 we 32 setirleriniň maglumatlary bitin sanlarda, galanlary- oturdan soň bir onluk san belgi bilen görkezilýär

## 2 BÖLÜM. AKDYRYLÝAN HAPA SUWLAR (ulgam)

### 2.1. LAGYM GEÇIRIJI DESGALARYŇ SANY (ýylyň ahyryna)

**01-nji setirde** lagym ulgamlarynyň sany we **02-nji setirde** hasabat tabşyrýan edaranyň balansynda duran aýratyn lagym geçirijileriniň sany görkezilýär.

**Merkezleşdirilen suw sowma (lagym) ulgamy** (mundan beýläk lagym ulgamy) diýlip, hapa suwlary toplamak, arassalamak we olary suw desgalara akdyrmak hem-de hapa suwlaryň çökündelerini işläp bejermek üçin ilatly ýerlerindäki inzener desgalarynyň toplumyna aýdylýar.

Akdyrylyş lagym turbalar bolmadyk, hapa suwlarynyň ugruny sowmagyna niýetlenilen ulgamlar lagym ulgamy diýlip hasap edilmeýärler we №1- suw üpjünçilik we suw akdyryş formasynda görkezilmeýärler.

**Aýratyn lagym geçiriji** diýlip, özüniň suw akdyryş ulgamy bolmadyk we akdyrylýan hapa suwlaryny beýleki kärhanalaryň (edaralaryň) lagym geçiriji desgalaryna geçirýän ulgamlara aýdylýar.

Aşakdaky görkezijileri boýunça ýylyň ahyrynda bir hatar lagym turbalarynyň çekilen uzynlygy görkezilýär:

-baş zeýakabalarynyň -**03-nji setirde,**

- köçedäki - **04-nji setirde,**

- etrapçalaryň we jaýlylyk meýdançalarynyň içindäki - **05-nji setirde**.

Hemme lagym geçirijileriniň sebitden akdyrylýan hapa suwlary toplaýan we lagym arassalaýjy desgalara ýa-da howdanlara goýberilýän turba geçirijä (ýa-da kanala) **baş zeýakabalar** (kollektorlar) diýilýär.

Eger-de baş zeýakaba birnäçe turba ýollaryndan düzelen bolsa, onda hemme turba ýollarynyň jemi uzynlygy görkezilýär, ilatly ýerleriň çäginden daşarda ýerleşen turbalaryň (kanallaryň) bölegini hem goşmalydyr.

**Köçedäki lagym geçiriji** diýlip, köçeleriň, geçelgeleriň, ýodalaryň we beýleki ilatly ýerlerindäki ýollarynyň uzynlygyna çekilen geçiriji turbalara aýdylýar, onuň içine baş zeýkabalaryň uzynlygy goşulman, birleşdirilen zeýkabalaryň uzynlygy goşulýar.

*Birleşdirilen zeýakabalar* diýlip, gös-göni ýa-da turba ulgamlarynyň üsti bilen baş zeýakaba birikdirilen geçiriji turbalar hasaplanylýar.

Köçedäki lagym geçirijileriniň umumy uzynlygyna jaýlaryň, jaýlylyk meýdançalarynyň, şonuň ýaly-da etrapçaň içindäki lagym geçirijileriniň birikdirmeleri goşulmaýar.

Etrapçanyň içindäki geçelgeleriň ugruna çekilen lagym geçirijilere **etrapçanyň içindäki lagym geçirijiler** diýilýär.

**Jaýlylyk meýdançalarynyň içindäki lagym geçirijiler** jaýlylyk meýdançalarynyň çäginde çekilen lagym geçirijilere we şolary köçedäki lagym geçirijilere birikdirmek üçin niýetlenen lagym lülelere aýdylýar.

**06-njy setirde** lagym arassalaýjy desgalarynyň bellenilen goýberiliş ukyby görkezilýär, ol bir gije-gündiziniň dowamynda arassalaýjy desgalarynyň ähli toplumynyň doly güýjünde işlände we akdyrylýan hapa suwlary arassalamak boýunça bellenilen talaplar berjaý edilende arassalaýşa goýberip bilinjek hapa suwlarynyň mukdary bilen häsiýetlendirilýär. Eger lagym arassalaýjy desgalarynyň aýry böleklerinde akdyrylan hapa suwlaryň goýberiliş ukyby bir meňzeş bolmasa, şonda bu görkezijide lagym arassalaýjy desgalarynyň çäklendirilýän esasy böleginiň goýberiş ukybyny görkezmek zerurdyr.

Lagymyň arassalaýjy desgalarynyň esasy böleklerine aşakdakylar degişlidir:

- mehaniki arassalaýyş usulda - durlaýjy howuzlar, metantenkalar, gyrmançaly meýdançalar;
- emeli biologiki arassalaýyş usulda - ilkinji durlaýjy howuzlar, metantenkalar, biosüzgüçler, aerotenkalar, gaýtadan durlaýjy howuzlar;
- adaty biologiki arassalaýyş usulda - durlaýjy howuzlar, metantenkalar, gyrmançaly meýdançalar, suwaryş meýdanlary, süzüji meýdanlar.

Eger arassalaýjy desgalarynyň toplumynda durlaýjy howuzlar bolmasa we dürli görnüşli gözeneklerden, eleklerden we ş.m. geçirmek arkaly suw arassalanýan bolsa, şonda şeýle arassalaýjy desgalaryň goýberiş ukyby şu görkezijide hasaba alynmaýar.

Eger lagym ulgamynda bir-birinden üzňelikde ýerleşýän birnäçe lagym arassalaýjy desgalary bar bolsa, onda hasabatda umuman kärhana (edara) boýunça ýylyň ahyrynda ähli lagym arassalaýjy desgalaryň jemi goýberiş ukybyny görkezilmelidir.

2.1 bölümiň 01,02 setirleriň maglumatlary bitin sanlarda, galanlary- oturdan soň bir onluk san belgi bilen görkezilýär

## 2.2. LAGYM GEÇIRIJILERIŇ IŞLEÝŞI

**01-nji setirde** ýyl boýunça lagym geçirijiler arkaly akdyrylýan hapa suwlaryň umumy möçberi görkezilýär. Müşderlere hasabat ýyly boýunça berilen hasaplamalara laýyklykda lagym geçirijilerden akdyrylan hapa suwlaryň (önümçilik-tehniki, hojalyk-nejasat suwlary, şol sanda jemagat-durmuş kärhanalardan (edaralardan) gelen suwlary hem goşmak bilen) hakyky möçberi kesgitlenilýär.

Müşderden sowulan hapa suwuň möçberi suw geçirijilerden alnan suwuň möçberine deň diýlip hasap edilýär.

Eger müşderiň suw üpjünçilik boýunça gaýry çeşmeleri (hususy suw ýygnamasy, başga suw geçirijileri) bar bolsa, onda müşderiň lagyma sowulma möçberi onuň suwuň hasaba alyş maglumatlary (ölçeg gurallary, lagym sorujylaryň öndürijiligi, tehnologiki isleglere suwuň harçlanyşy we ş.m.) boýunça ýa-da akdyrylýan hapa suwlaryň hakyky möçberiniň ölçegleri boýunça kesgitlenilýär.

Eger-de agyz suw ýarymtaýyn önüm hökmünde çykarylýan önümleriň düzümine girýän bolsa we lagyma taşlanylmaýan bolsa, onda ol akdyrylan hapa suwlaryň göwrümini kesgitlenende hasaba alynmaýar.

01-nji setirden gaýry lagym geçirijilerden alnan hapa suwlaryň möçberi aýratynlykda **02-nji setirde** görkezilýär.

Lagym arassalaýjy desgalaryndan ölçeg gurallarynyň görkezijileri boýunça kesgitlenilen geçirilen hapa suwlaryň umumy möçberi **03-nji setirde** görkezilýär, ol ýylyň dowamynda şol desgalardaky lagym arassalaýyş gullugyna müşderlerden gelen hapa suwlaryň umumy möçberini emele getirýär. Aýratyn lagym geçirijiler 03-nji setiri doldurmaýarlar.

Eger lagym arassalaýjy desgalarynyň düzüminde durlaýjy howuzlar ýok bolsa we hapa suwlar gözeneklerden, eleklerden akdyrmak arkaly diňe gödek durlanylýan bolsa, onda bu suw "Arassalaýjy desgalardan goýberilen akdyrylýan hapa suwlar" atly görkezijiniň düzümine girizilmeýär.

03-nji setirden doly biologik (fizik-himik) usulda arassalanan hapa suwlaryň möçberi **04-nji setirde** bölünip görkezilýär we şondan öň durlamasy bilen hapa suwlaryň möçberi - **05-nji setirde** çykarylyp görkezilýär.

**06-njy setirde** beýleki lagym arassalaýjy desgalaryna geçirilen hapa suwlaryň möçberi görkezilýär. Aýratyn lagym geçirijiler bu setirde geçirilen we arassalaýjy desgalara goýberilen hapa suwlarynyň jemi möçberini görkezýärler.

Hasabat ýylynda lagym ulgamlarda (aýratyn lagym geçirijilerde) emele gelen heläkçilikleriň (awariýalaryň) sany, ýagny köçe lagym geçiriji ulgamynda bolanlara - **07-nji setirde** hem-de etrapçalaryň we jaýlylyk meýdançalarynyň içinde bolanlara - **08-nji setirde** aýratynlykda görkezilýär. Bu görkeziji uzynlyk kilometr ölçegde hasaplananda lagym geçirijileriň hapalanmagyny kesgitlemäge mümkinçilik berer.

Mysal üçin, ýylyň dowamynda, uzynlygy 50 km bolan lagym geçirijilerde heläkçilikleriniň 250 sanysy emele geldi. Lagym geçirijiniň ýyllyk hapalamasyny hasaplamak üçin (uzynlyk kilometr ölçegde) olaryň heläkçilikleriniň sanyny (250 birlik) lagym geçirijiniň jemi ýyllyk uzynlygyna (50 km) bölünmelidir, ýagny 250 : 50 = 5. Ýylyň dowamynda her 5 km uzynlykdaky lagym geçirijiniň ýeri hapalandy.

**09-njy setirde** ýyl boýunça lagym geçirijileriň ulanmagyndan gelen umumy girdejiler görkezilýär.

Buňa degişli sarp edijileriniň dürli toparlary üçin bellenilen tertipde tassyklanylan nyrhnamalar esasynda lagymy ulanmakdan gelen umumy girdejiler bu görkezijide görkezilýär. 09-njy setirden ilatdan gelen girdejiler aýry **10-njy setirde** görkezilýär.

**11-nji setirde** ýyl boýunça akdyrylýan hapa suwlar boýunça umumy çykdajylar görkezilýär. Akdyrylýan hapa suwlar boýunça çykdajylar doly özüne düşýän gymmatyň ähli harajatlaryny öz içine alýar.

11-nji setirden lagym geçirijileriniň düýpli abatlaýyş işleri boýunça çykdajylar aýry **12-nji setirde** görkezilýär.

Lagym geçirijileri ulanmakdan gelen girdejileri we akdyrylýan hapa suwlar boýunça çykdajylary döwlet hasabatynda buhgalteriýa hasabynyň maglumatlary boýunça görkezilýär.

**13-nji setirde** utgaşdyryjylary hasaba almazdan Hasabat döwründe sanawnama boýunça ortaça işgärleriň sany görkezilýär. Esasy ugur boýunça işleýän işgärleriň sanyna akdyrylýan hapa suwlary akdyrmak, sorujy enjamlar bilen çykarmak we arassalamak boýunça önümçilik işlerinde işleýän işgärleriň ählisi, ýagny lagym geçirijiniň, sorujy beketleriniň we arassalaýjy desgalaryň işgärleri girýärler.

Düzgün boýunça, lagym geçirijiler bilen suw geçirijiler bir hojalykda birleşdirilen. Şonuň üçin şu görkezijide hemme önümçilik işgärleri, ýagny gös-göni lagym hyzmat edýän işgärler, şonuň ýaly-da önümçilik işgärleriniň sanyna deň bolan kömekçi hojalyklardaky we umumy ulanyşdaky işgärleriň bir bölegi görkezilýär.

2.2 bölümde 07,08,13 setirleriň maglumatlary bitin sanlarda, galanlary- oturdan soň bir onluk san belgi bilen görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**